# Russiýada oppozisiýany sem etmegiñ islendik ýoly oñlanýar

Category: Kitapcy,Publisistika
написано kitapcy | 26 января, 2025
Russiýada oppozisiýany sem etmegiñ islendik ýoly oñlanýar
RUSSIÝADA OPPOZISIÝANY SEM ETMEGIÑ ISLENDIK ÝOLY OÑLANÝAR




Türmä sal! Bolmadymy, zäherle! Olam bolmasa, öldür-de dyn!
Wladimir Putiniñ döwründe öñki KGB-niñ ulanýan taktikalaryny FSB (Federal Howpsuzlyk Gullugy) üstünlikli dowam etdirýär, ýurduñ içindäki we daşyndaky oppozisionerler birsydyrgyn yzarlanýar.
Howp abandyrmak bilen ýa-da başga formada sem bolmaýan žurnalistdir syýasatçylar ilkibaşda işsiz galdyryldy, has soñra dürli aýyplamalar bilen sud jogapkärçiligine çekildi, hatda dälihanalara salyndy.
Bularyñ barsy oppozisioner Aleksandr Nawalnynyñ zäherlenip, koma girmegi bilen dünýä habar beriş serişdelerinde-de habar berilenden soñ gaýtadan gozgaldy.
20-nji awgustda Sibiriñ Omsk şäherinden Moskwa uçanda saglyk ýagdaýy ýaramazlaşan Alekseýi uçardan düşürip, gyssagly bejergä aldylar.
Şol bir wagtyñ özünde onuñ zäherlenendigi barada gep-gürrüñler ýaýrady. Sibiriñ hassahanasyndaky lukmanlar 24-nji awgustda onuñ janyny halas edendiklerini we haýsydyr bir zäherli maddanyñ yzyna gabat gelinmändigini aýtdylar.
Emma Germaniýanyñ Berlin şäherindäki «Charite» hassahanasy

Nawalnynyň has dogrusy şübheli sowet himikaty «nowiçok» toparyna degişli madda sezewar bolandygyny mälim etdiler.
Federal kansler Angela Merkel we Daşary işler ministri Maas munuň derňelmegini talap etdi.
Kyrk dört ýaşly Nawalnyý 2018-nji ýylyň saýlawlarynda Putine garşy kandidaturasyny goýjak bolanda, saýlaw topary garşysyna öň jenaýat işi gozgalandygyny bahana edip, onuň kandidaturasyna garşy çykypdy.
Birnäçe ýyllap Kremle garşy köp sanly protestiň başyny çeken we telim gezek tussag astyna alynan Nawalnynyň internetde her penşenbe agşamy göni efirde berýän gepleşigi orta atýan korrupsiýa aýyplamalary bilen gyzgyn seslenmeleri döredýärdi.




**• Tussag edilen oppozisionerler we žurnalistler**

2020-nji ýylyň mart aýynda 64 ýaşly «GULAG» taryhçysy Ýuriý Dmitriýew tussag edildi, iýun aýynda onuň garşysyna 15 ýyl azatlykdan mahrum etmek boýunça iş gozgaldy.
Onlarça ýyllap diktator Iosif Staliniň döwründe öldürilip köpçülikleýin mazarlara gapgarylanlary öwrenýän bu taryhçynyň näme günäsi bardy?

Staliniñ ýurtda gaýtadan ideal şahsyýete öwrülmegine päsgelçilik hasaplanyldymy?
Ýene bir seslenme döreden tussag etme bolsa, Russiýanyñ Kosmos gullugynyñ (Roskosmos) başlygy Dmitriý Rogoziniñ geñeşçisi, köne žurnalist Iwan Safronowyñ «watan dönügi» aýyplamasy ýöñkelip tussag astyna alynmagy boldy.
Ol NATO harby bileleşigine maglumat bermekde we «watana dönüklik etmekde» aýyplanyp, garşysyna 12 bilen 20 ýyl aralykda azatlykdan mahrum etmek boýunça iş gozgaldy.
Sürgün edilen Mihail Hodorowskiniñ «Açyk Russiýa Demokratik Hereketi» öñdebaryjy agzasy Mihail Piwowarow hem tussag astyna alynanlaryñ biri. Onuñ agza bolan jemgyýetine garşy bolsa dokuz sany aýyplaw işi bar.
2020-nji ýylyñ 6-nji iýulynda sud Swetlana Rokopýewany «terrorizmi goldamakda» aýyplady we ony 500 müñ rubl (7 müñ dollar) jerime tölemäge höküm etdi. Russiýanyñ şertlerine bu bu jerimäniñ möçberi gaty uly pul.
Russiýada soñky 23 ýylda azyndan 21 žurnalist agyr jezalara uçradyldy.



• **Kast edilşikler**

– 2003-nji ýylyň iýul aýynda syrly kesel bilen aradan çykan Ýuriý Şçekoçihin 1999-nji ýylda «Новая Газета»-nyň redaksiýasyna edilen bombaly hüjümi derňeýärdi.

– Edil Ýuriý Şçekoçihin ýaly bombalama wakasyny derňäp, aňyrsynda Putin hökümetiniň bardygyna ynanan Sergeý Ýuşenkow 2003-nji ýylda öýüniň öňünde atylyp öldürildi.

– 2006-njy ýylda Londonyň otelleriniň birinde köne çekist Aleksandr Litwinenko çaý içip durka zäherlendi. Onuň çaýyna «polonium-210» zäherini garanlaryň Lugowoý we Kowtun atly FSB-niň jansyzlarydygy belli boldy. Litwinenko üç hepdeläp jebir çekip öldi. Ol FSB-den çykandan soň Putini we gizlin gullugyň işini derňäp başlapdy, 1999-njy ýylyň bombalamasy üçin gullugy günäkärläpdi.

– 2006-njy ýylyň 8-nji oktýabrynda «Новая Газета»-nyň tanymal korrespondenti Anna Politkowskaýa Moskwada öýüniň lift8nde kellesinden atylyp öldürildi. Ol «Putiniň Russiýasy» atly kitabynda Kremliň hojaýynyny ýurdy polis döwletine öwürmekde aýyplapdy. Şeýle-de ol Çeçenistandaky korrupsiýalary orta atýardy.

– 2009-njy ýylyň 15-nji iýulynda žurnalist Natalýa Estemirowa öýüniň öňünde alnyp gaçylyp, endamyna we kellesine birnäçe gezek atylandan soň tokaýlyga zyňlyp gidildi. Ol çeçen urşy döwründe rus we çeçen militanlarynyň arasynda galan bigünä halkyň çeken kösençlikleri we dürli korrupsiýa wakalary barada ýazýardy.

– 2009-njy ýylyň ýanwar aýynda adam hukuklary boýunça aklawhy Stanislaw Markelow we «Новая Газета»-nyň korrespondenti Anastasiýa Baburowa Moskwada Kremliň öňünde ýaragly hüjüme uçrap öldürildiler. Markelow rus goşunlaryna garşy çeçenleriň ýönekeý ilatynyň hak-hukuklaryny gorap çykyş edýärdi.

– 2012-nji ýylyň 10-njy noýabrynda 2005-nji ýyldan bäri daşary ýurtda Putini tankyt edýän Aleksandr Perepiliçnyý 44 ýaşynda Londonda jaýyň ýokarsyndan düşüp öldi.

– 2013-nji ýylda rus milliarderi Boris Berezowskiý ýapyk hammamynda öli tapyldy. Onuň ölümini birmahallar işleşen Putin bilen arasynyň bozulmagyna we ony günäkärlemegine

baglanyşdyrýanlar bar.
– 2015-nji ýylyň fewral aýynda sowet döwründe soň syýasy ýyldyza öwrülen, yaş reformator, Ýelsin döwründe biraz wagtlap premýer-ministriň orunbasary-da bolup işlän Boris Nemsow arkasyndan dört gezek atylyp öldürildi. Ol mitingler geçirýärdi we ýaşlaryň arasynda gowy görülýärdi. 2011-nji ýylyň parlament saýlawlaryna resmi galplygyň aralaşandygyny, korrupsiýanyň kök urandygyny ýazdy we Putiniň garşysyna çykyşlar gurady. Öldürilmänkä-de ýygy-ýygydan tussag astyna alynyp, gününe goýulmandy.
– 2017-nji ýylyň 23-nji oktýabrynda Moskwada giňden tanalýan oppozisioner žurnalist Tatýana Felgengauer pyçakly hüjüme uçrady we tötänleýin diýen ýaly ölmän galdy.
– 2020-nji ýylyň 4-nji iýulynda Awstriýanyň Wena şäheriniň golaýyndaky Gerasdorf posýologynda ýaşaýan 43 ýaşly çeçen emigranty Mumihan Umarowyň janyna kast edildi. Ol şondan biraz öňräk polisiýadan özüne janpena berilmegini haýyş edipdi. Soňky ýyllarda Türkiýede käbir çeçenler edil şoňky ýalu görnüşde öldürilýär.




Ýokarda berilen birnäçe mysaldan görnüşi ýaly Russiýanyñ içinde ýa-da daşynda Putuni tankyt etmegiñ howpludygyny bilse bolýar.
Dünýäde gaty köp ýurt şuña meñzeş metodlary ulanyp oppozisiýanyñ we halkyñ öz pikirini erkin beýan etmeginiñ öñüne böwet bolýar.
Belarusdaky prezident saýlawlaryna galplyk aralaşandygy aýdylýan prezident Aleksandr Lukaşenkonyñ köşgüne eli «Kalaşnikow» awtomatly gelmeginiñ özi oppozisiýa ýeñ astyndan ýumruk görkezdigi dälmi?
Uzyn gepiñ gysgasy, demokratiýanyñ ýeterlik ösmedik, ornaşmadyk ýurtlarynda liderler häkimiýeti hiç bir ýagdaýda

elden beresleri gelmeýär we munuñ üçin islendik ýamanlykdan gaýtmaýarlar.

Nadir DEWLET,

professor.

Anna, 28.08.2020 ý. Publisistika